# Turkmen PTP Guidelines for Reading Skills

Reading skills in this guideline are defined by the level of the individual's ability to read written texts for the purpose of getting gist, specific information, detailed understanding, and implications.

**Novice**: this level is characterized by an ability to understand short (50-150 words) simple sentences on familiar matters containing highly frequent words and syntax. The common text sources are from menus, brochures, public notices, and regulations.

## Novice 1

- The reader is able to understand short sentences which are loosely connected and get some main ideas from a given passage.
- Texts usually do not exceed high- frequency structural patterns and vocabulary.
- Descriptions of persons, places or things typify the texts at this level.

**Example 1**: Announcement from "Turkmenistan" newspaper on radio program

**Her Gün Diňlärsiňiz!**
**"Çar Tarapdan"** *aýdymsazly habarlar programmasy*.

01.00, 7.00, 14.00, 18.00 - Duşenbe, Sişenbe, Çarşenbe, Anna we Şenbe günleri
01.00, 04.15, 7.00, 14.00 - Penşenbe güni
01.00, 04.15, 8.00, 14.00 - Ýekşenbe güni

Şeýle hem her sagadyň ilkinji bäş minutynda "Habarlaryň" ýörite göýberilişi beriler.

**Example 2:** Howa maglumaty

*Howa*
*26-njy sentýabrda:*
*Günüň dogýan wagty* 6.55
*Ýaşýan wagty* 19.21
*26-njy sentýabrda Aşgabatda az bulutly, ýagynsyz, sekuntda 7-12 metr tizlikde günbatardan öwüsýän şemally, gündizine 30-33 gradus yssy, gijesine 18-20 gradus salkyn howanyň bolmagyna garaşylýar.*

## Novice 2

- The reader can understand short and simply connected paragraphs and get some main ideas.
- Texts at this level are usually limited to the attached range of syntactic structures and vocabulary.
- The reader can follow a text with a clear internal structural as can be shown in chronological sequenced written materials.
- The reader can locate specific information from a paragraph.

**Example 1:** Gurbanmuhammet

*Meniň adym Gurbanmuhammet, familiýam bolsa Muhammetsähedow. Dostlarym we kärdeşlerim meniň adymy ýöne Gurban diýip tutýarlar. Men otuz ýaşymda.1978-nji ýylda Aşgabatda doguldum. Meniň maşgalam gaty bir uly däl: kakam, ejem, agam Meret, gyz jigim Aýlar we men. 2004-nji ýylda Turkmen döwlet uniwersitetini gutaryp bankda işleýärin; kärim buhgalter-hasabatçy.*

*Men täze öýlenip maşgalamdan aýratyn ýaşaýaryn. Gelnimiň ady Jemal. Onuň hakyky doly ady Soltanjemal, emma men adyny gysgaldyp Jemal diýip tutýaryn. Ol göz doktory; täze açylan bir keselhanada işleýär.*

**Example 2:** From a Turkmen textbook

*Meniň adym Aýna. Familiýam Handurdyýewa. Men mugallyma. Mekdepde işleýärin. Taryhdan sapak berýärin. Maşgalam bilen Aşgabatda oturýaryn. Ýoldaşymyň ady Meret. Ol inžener, taksoparkda işleýär. Bir oglumyz bar, bäş ýaşynda. Ady Azat.*

**Intermediate:** this level is characterized by the reader's ability to understand factual information and main ideas from a relatively short passage (150-250 words) that consists of several paragraphs. The texts at this level could be found from the following materials: advertising materials, business and personal letters, abstract, newspaper, and magazines

**<u>Intermediate 1</u>**

- The reader can understand and identify main ideas from a text consisting of several short paragraphs.
- Range of syntactic structures and vocabulary comprising texts is still limited.
- Lexical guessing for the unknown words based on the surrounding context is possible.

**Example 1:** Aşgabat şäheri

*Aşgabat şäheri ondokuzynjy asyryň soňunda ,Gökdepe galasy basylyp alynandan soň, Rusiýanyň Zakaspiýa oblastynyň merkezi hökmünde bellenip gurulup başlanýar.Şäheriň düýbi biziň eramyzdan ozalky döwürde gurlan bir näçe gadymy Parfiýa galalaryň we köne Türkmen obasy bolan, Aşgabadyň, ýanynda tutulýar. Şeýlelikte, Aşgabat ady su günki Türkmenistanyň paýtagtyna şol köne Türkmen obasyndan galýar. (Köne Rusça aýdylyşy "Ashabad").*

**Example 2:** Short sport news from an online newspaper

*BRIDGESTONE F1 üçin teker öndürmez*

*"Formula-1" Dünýä çempionaty ykdysady çökgünligiň täsirinde galmagyny dowam edýär. Häzirki wagtda "Formula-1-däki" ähli toparlary teker bilen üpjün edýän ýeke-täk şereket bolan "Bridgestone" 2010-njy ýyldan soň F1-den çekiljekdigini habar berdi.*

▪ *Ýeňijiler futbol baýramçylygynda*

*Hawa, ine-de 2010-njy ýylda Günorta Afrika Respublikasynda geçiriljek 19-njy Dünýä çempionatynda çykyş etmäge hukuk gazanan milli ýygyndylaryň ählisi-de aýan boldy.*

▪ *"Nýu Ýork Ýankisiň" 27-nji çempionlygy*

*Amerikanyň Professional Beýsbol ligasy bolan MLB-de 2009-njy ýylyň çempiony "Nýu Ýork Ýankis" topary boldy.*

- *Berekella “Williamsda”*

*Bu möwsümiň çempion topary “Brawn GP-niň” braziliýaly piloty Rubens Barikello F1 karýerasynda täze sahypa açmakçy.*

- *Jokowiçiň bassyr 2-nji ýeňşi*

*Bir hepde öň Şweýsariýada Federerden üstün çykan Nowak Jokowiç Parižde-de ýeňiş gazandy. Sanawyň 3-nji belgili raketkaçysy serbiýaly Jokowiç “Pariž Master” tennis ýaryşynyň finalynda ýer eýesi Gael Monfilsi 2 sagat 43 minutyň dowamynda 2-1 (6-2, 5-7, 7-6) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.*

**Intermediate 2**

- The reader can understand longer paragraphs and identify main ideas from a text consisting of complex sentences, for example, those containing subordinated clauses.
- The reader can make appropriate inferences about the text.
- Range of syntactic structures and vocabulary comprising texts is larger. However, the reader often fails to distinguish subtle differences among synonyms.
- Misinterpretations with structurally complicated (i.e., containing subordinated clauses) texts still occur, and deliberate rereading is necessary for complete understanding.

**Example 1:** Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen Milli kitaphanasy.

*Aşgabatda ýerleşýän Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen Döwlet Milli kitaphana - Türkmenistanyň iň uly kitaphanasydyr. Bu kitaphana 1895-nji ýylyň 5-nji maýynda açylypdyr. XX-nji asyryň başynda Türkmenistanda on iki sany ýörite jemgyet üçin gurulan kitaphana bolupdyr. Olar Krasnowodsk, Gyzylarbat, Aşgabat, Pöwrize, Tejen, Mary, Baýramaly, Tahtabazar, Guşgy, Ýolöten, Çärjew, Kerki şäherlerinde Rus patyşalyk hökümeti tarapyndan açylypdyr.*

*Aşgabat kitaphanasy şol döwür Türkmenistanyň (Zakaspiýa oblastynyň) iň uly kitaphanasy bolup, onuň üç müň bir ýüz togsan iki kitaby bar eken. Kitaphananyň iki otagly jaýy bolupdyr. Ol jaý Aşgabadyň merkezinde ýerleşipdir: şu wagtky Rus Bazarynyň töwereginde. Ol köne kitaphananyň iki bölümi bolupdyr - abonent bölümi we okalga zaly.*

*1908-nji ýylda kitaphana üçin ýörite ulyrak jaý gurulypdyr. 1948-nji ýylda, Aşgabatda ýer titremegi sebäpli, ol jaý ýykylypdyr. Şu wagt şol jaýyň ýerinde Türkmenistanyň haly muzeýiniň täze binasy ýerleşýär.*

*1915-nji ýylda kitaphananyň 407 okyjysy bolupdyr. Olar, esasan Rus çinownikler, ofiserler, mugallymlar, lukmanlar, söwdegärler, we talyplar bolupdyr. Arasynda bir näçe rus-we-ýerli-millet mekdebiniň türkmen talyplary hem bolupdyr.*

*Kitaplar esasan rus, fransuz, nemis, iňlis, pars we türkmen dilinde bolupdyr. Turkmen kitaplaryň arasynda şol döwür Rusiýada köne türkmen-arap elipbiýinde çap edilen bir näçe türkmençe ders kitaby we rusça-türkmençe sözlük kitaplary bolupdyr. Kitaplaryň arasynda Türkmenistanyň, Orta Aziýanyň, Eýranyň, Owganystanyň we başga günorta ülkeleriň taryhyndan, geografiýasyndan, geologiýasyndan, tebigatyndan uly bolmadyk kitap kollesiýasy bolupdyr. Aşgabat kitaphanasynyň fondynyň içinde Ýewropada we Rusiýada taýarlanan we çap edilen dürli günorta milletleriň dilleri, edebiýaty, dini we medeniýeti barada da kitaplar bolupdyr.*

**Example 2:** the Holy Night during the Ramadan

***Mübärek gadyr gijesi***

*Remezan aýynyň 27-nji gijesi gadyr gijesi hökmünde bellenilýär. Bu ýyl gadyr gijesi sentýabr aýynyň 16-syndan 17-sine geçilýän gijä gabat gelýär.*

*Bu gije, mübärek gijeleriň iň belent mertebelisidir. Gadyr gijesiniň mukaddes, bereketli we aman-esenlik gijesidigi barada Kurany Kerimde hem aýdylýar. Gadyr gijesi "kadr" sözünden gelýär. Ýagny, şol gijede aýratyn bir gadyrşynaslygyň bardygy aýdyňdyr. Şonuň üçin, bu gijäniň gadyryny bilen ýagdaýymyzda, enşalla, Ýaradanyň huzurynda-da gadyrymyz bilner. Mälim bolşy ýaly, Pygamberimiz (s.a.w.) Gadyr gijesini Remezanyň soňky on gününiň täk gijelerinden gözlemelidigini aýdýar. Şeýle hem 27-nji gijäniň Gadyr gijesidigi hakynda aýratyn nygtalyşy ýaly, alymlaryň aglaba bölegi hem şeýle kabul edipdir we tutuş yslam äleminde 27-nji gijäni Gadyr gijesi hökmünde bellemek däbe öwrülipdir. Eger Muhammet (s.a.w.) ymmaty 27-nji gijäni Gadyr gijesi hökmünde ýörite ähmiýet berip belleýän bolsa, enşialla, Hakyň dergähinde bu gije edilen ybadatlar hakyky manyda Gadyr gijesiniň rysgal-berekedini, sogabyny getirer.*

*Täze Galkynyşlar zamanasynda, Hormatly Prezidentimiziň saýasynda, agzybir hem-de erkana ata Watanymyzda Oraza aýynyň soňky günlerini, aýratynam Gadyr gijesini pursat bilip, onuň bereketinden peýdalanmaga ymtylalyň!*

**Advanced:** this level is characterized by the reader's ability to understand explicit and implicit meanings of a wide range of long (250 words above) and complex texts consisting of several paragraphs.

**<u>Advanced 1</u>**

- The reader can identify the hierarchical level of information (i.e., the main points and relevant supporting details) from multi-paragraph prose presented with a clear underlying structure.
- Insufficient target-language cultural knowledge or limited vocabulary may still interfere with complete understanding of a text.
- The reader can make appropriate inferences about texts dealing with various topics.

**Example 1:** Garagum ösümlikleri

*Türkmenistanyň dörtden üç bölegini Garagum çöli tutýar. Ol dünýäniň iň uly çölleriniň biridir. Garagum çöli öz häsiýetli hem öz boluşly bir ekosistemadyr. Onuň başga ýerlerden tapawutly howasy, topragy, haýwanat we ösümlik dünýäsi bar.*

*Garagum çölüniň ösümlik dünýäsi baý däl, emma ol ösümlikler çölüň gyzgyn we gury howasynda we hasylly bolmadyk gum topraklarynda ösmäge uýgunlaşandyrlar. Köplenç Garagum çölünde ýylak, ýandak, ýylgyn, sazak, selin, ýowşan, çerkez ýaly ösümlikler gowy bitýär.*

***Ýylak**: Garagum çölünde iň ýaýran ösümlik ýylakdyr. Ýylak otynyň ýaýran kökleri, birbirleri bilen örülip, gumlary ýeliň göçürmeginden goraýar. Ýylak diňe ýaz wagtlary gök bolýar; şol wagt ol dowarlar üçin gowy iýmit hem bolýar.*

***Ýandak:*** *Türkmenistanyň hemme ýerlerinde diýen ýaly iň ýaýran ösümligiň biri ýandakdyr. Ýandagyň köki ösümligi suw bilen üpçün etmek üçin çuň ýeriň içine gidýär; onuň uzynlygy iki-üç metre ýetýän wagtlary bolýar. Ýandak çölde ýaşaýan adamlar üçin iň peýdaly ösümlikleriň biridir. Ol düýeler üçin  easasy ot-iýim bolýar. Ýandagyň ýapraklaryny we tikenlerini çopanlar çay deregine demläp içýär.Onuň güllerinden çykýan süýji şireden (nektardan) bolsa, bal-arylary  gaty gymmat we peýdaly ýandak balyny öndürýärler.*

***Selin:* S***elin diýilýän ot***, -** *gumda  bitýän pür ýaprakly köpýyllyk ösümlikdir.*
*Selin* ***çägelikde*** *ösmäge oñat uýgunlaşandyr. Onuñ* ***tohumy çägä*** *düşdügi gögerýär. Soñra oña hiç zat* ***zyýan*** *berip bilmeýär. Eger ýel onuñ üstüne cäge sürüberse, onda ol derrew täze kök urup, ýokarlygyna ösüp başlaýar. Eger ýel onuň kökleriniň daşyny ýalaňaçlasa, onda-da ol gorkuly däl. Selin köp ýyllyk oňat mal* ***otydyr.*** *Ol* ***halk hojalygynda*** *hem giňden* ***ulanylýar.***

***Ýowşan:*** *Türkmenistanyň günbatarynda, toýunly düzlükleriň ýüzinde ýowşan oty köp gögerýändir. Ýowşanly düzlükler düýeleriň köp bakylýan  öri meýdanydyr.*

**Example 2:** Hormatly jenaplar!

*Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 6-njy noýabryndaky Kararyna laýyklykda, 2010-njy ýylyň 24-25-nji fewralynda Aşgabat şäherinde «Türkmenistanda energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmagyň meseleleri» atly halkara ylmy maslahat geçirilýär.*

*Ylmy maslahatyň guramaçysy — Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy*
*Ylmy maslahatyň esasy ugurlary:*

- *energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmagyň ylmy-tehniki, ekologik we ykdysady nukdaý nazardan häzirki zaman ýagdaýy;*
- *energiýany öndürmekde alternatiw çeşmeleri ulanmak boýunça düýpli ylmy-barlaglarda ýetilen sepgitler;*
- *energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmak ücin täze tehnologiýalar we enjamlar;*
- *energiýanyň alternatiw çeşmeler ulgamynyň işiniň ygtybarlygyny we energiýanyň hilini ýokarlandyrmagy üpjün etmek;*
- *ylmy-tehniki, ekologiki we ykdysady nukdaý nazardan energiýanyň alternatiw çeşmeleriniň häzirki ýagdaýy, ösüşi we ulanylyşy.*

*Maslahata gatnaşyjylaryň teklipleri boýunça, maslahatyň tematikasynyň üsti doldurylyp bilner.*

*Maslahatyň esasy maksady: Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň tejribesini umumylaşdyrmak, ylmy ösdürmegiň we energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmak boýunça netijeli taslamalary durmuşa geçirmek üçin özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak we hyzmatdaşlary çekmek; täze tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrylmaklyga ýardam etmek, olaryň peýdalanylmagyndan ýokary ykdysady netije almak.*

*Ylmy maslahata gatnaşmak üçin resminamalar 2009-njy ýylyň 15-nji dekabryna çenli kabul edilýär.*
*Salgymyz — 744000, Aşgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15*
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy*
*Habarlaşmak üçin telefonlarymyz:*
*35-36-12- (Çaryýew Oraz Çaryýewiç)*
*35-49-49- (Komolsew Aleksandr Alekseýewiç)*
*GURAMAÇYLYK TOPAR*

**Advanced 2**

- The reader can comprehend discourse organization from a text consisting of multiple paragraphs, which are longer and more complex than advanced 1–level texts.
- The reader can detect the author's attitude or values in the main topics addressed in the text.
- The reader begins to comprehend the aesthetic use of target language and its literary styles, and can appreciate some fictions.

**Example 1:** Arçman

*Köpetdag eteginden* ***gaýnap*** *çykýan uly* ***çeşmeleriň*** *sany otuza golaýdyr. Şolaryň bir näçesiniň* **kükürt** *bilen gatyşykly suwy bar. Şol kükürtli çeşmeleriň arasynda iň meşhury we peýdalysy Arçman-Ata çeşmesidir. Şol çeşmäniň suwy – köne adamlaryň aýtmyşy boýunça - asyrlar boýy adamlaryňdyr haýwanlaryň birnäçe agyr* **kesellerini bejerip** *gelipdir. Arçman ýeri we çeşmesi barada birnäçe rowaýatlar bar. Bir rowaýata görä, gadym zamanda bir çopanyň* **endamyny** *şiber ýara tutupdyr. Onsoň çopan " ölsemem* **il** *bir görmesin" diýip, dagyň içine gidipdir. Şonda onuň öňünden* **toýnagy** *gyrylan üç sany* **gotur keýik** *çykypdyr. Çopan olary görüp "Şular nirede ölse, menem şol ýerde öleýin" diýip , olaryň yzyna düşüberipdir. Keýikler bir çeşmä baryp, suw içipdirler, soňam suwa girip,* **silkinip** *gidiberipdirler. Çopanam şeýdipdir. Ol gün geçdikçe* **gowulaşyp** *gutulypdyr. Soňra çopan oba gelip, öz derdine* **ýolugan** *adamlara: "Men-ä şol çeşmä* **çümüp gutuldum**" *diýipdir. "Är çümen ýere är çümer" diýip, olar hem şol çeşmä çümüp gutulupdyrlar. Şonuň üçinem ol çeşmäniň ady "Ärçümen" bolupdyr, soňra bolsa ol at ütgäp Arçman bolupdyr. Bu çeşmäniň suwundan* **ilat köpçülikleýin** *peýdalanyp başlapdyr. Arçman-Atanyň suwuny giňden* **peýdalanmak** *üçin segsen ýyl mundan ozal çeşmäniň başynda Türkmenistanda* ***meşhur*** *bir Arçman kurorty açyldy. Ol kurort Aşgabadyň günbatar tarapynda, Türkmenistanyň paýtagtyndan 110 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Ýakyn ýyllarda çeşmäniň töwereginde täze kurort kompleksi guruldy. Şu günler adamlaryň kesellerini bejermek üçin we olara gowy hyzmat etmek üçin kurortda hemme şertler döredilipdir.*

**Example 2:** Kompýuter ulgamynyñ uly ösüşleri

*Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen badyna ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça uly işleri durmuşa geçirdi.*

*Ol ilki bilen bu ugurda dürli resminamalary kabul edip, Türkmenistanyň Kanunyna degişli üýtgeşmeleri girizdi. Şol üýtgeşmelere laýyklykda, degişli resminamalary kabul edip, bilim işgärlerine anyk ýollary kesgitläp berdi. Hormatly Prezidentimiziň Kararlaryna laýyklykda, ylym-bilim ulgamynda geçirilýän özgerişler ýurdumyzyň beýik ösüşleriniň gözbaşydyr. Häzirki*

*wagtda ylmy ugurdan alnyp barylýan işleriň gözbaşynda aspiranturalaryň we doktoranturalaryň işini ýola goýmak meselesi oňyn çözüldi.*
*Döwlet Baştutanymyz ylym ulgamynyň öňünde durýan möhüm meseleleri şeýle kesgitleýär:*

*“Biz ylmy ösüşiň ýokary derejelerine çykaryp, ylmy barlaglaryň, ylmy işleriň netijeliligini ýokarlandyrmaly. Ähli ylmy işleri döwlet durmuşynyň möhüm meselelerini çözmäge, halk hojalygynyň barha ösýän talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirmeli”.*

*Her bir ýurduň ösüşi, elbetde, şol ýurduň bilimli-hünärli nesliniň taýýarlyk derejesi bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin hem Hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň ylymly-bilimli bolup, Täze Galkynyş eýýamymyza mynasyp goşant goşmagy üçin taýsyz tagallalar edýär. Bu barada hormatly Prezidentimiziň haýsy ýurda barsa, şol ýurduň bilim ulgamy, okuw usullary bilen gyzyklanmagy, bu ugurdan netijeli işleri durmuşa geçirmegi has-da guwandyrýar.*

*Täze Galkynyş eýýamynda ösen bazar ykdysadyýetiniň iň esasy görkezijileriniň biri hem ykdysady gatnaşyklaryň, düzülýän hasabatlaryň kompýuterleşdiriş derejesiniň iň ýokary derejesindedigi bilen tapawutlanýar. Bazar ykdysadyýetiniň kärhanalary, edaralary özüne zerur dolandyryş maglumatlaryny tizden-tiz dünýäniň kompýuterleşdirilen tory arkaly islendik künjeginden alyp, olara baglylykda dolandyryş çözgüdini taýýarlap bilerler. Bazar ykdysadyýetiniň kärhanalarynda we edaralarynda kompýuterleşdirilen maglumat dolanyşygy we çözgütleriň taýýarlygy diňe döwrebap maglumat ulgamynyň taslamasy işlenip taýýarlanylanda hem-de ornaşdyrylanda mümkindir.*

*Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň gülläp ösýän ykdysadyýeti dünýä derejesindäki kompýuterleşdirilýän ulgamlara esaslanýandyr. Döwletiň ykdysady dolanyşygynyň pudaklarynyň her biriniň merkezi dolandyryş edaralary kompýuter tory bilen üpjün edilendir. Dolandyryş edaralaryndaky kompýuter torlary arkaly olardaky bölümleriň we işgärleriň özara maglumat alyş-çalşygyny elektron resminamalar arkaly kagyzsyz amala aşyrýarlar. Bu bolsa Türkmenistanyň Elektron Resminamalar hakyndaky milli kanunynyň durmuşa geçirilmegidir.*

*Bu günki günde bilim ulgamynda aýgytly ädimler ädildi, orta, ýokary okuw mekdepleri üçin her bir dersler boýunça dünýä ülňülerine laýyk gelýän okuw maksatnamalar we meýilnamalar düzülýär we olaryň esasynda döwrebap okuw kitaplary, okuw gollanmalary taýýarlanylýar. Häzirki wagtda internet ulgamyndan islendik döwletiň okuw mekdeplerindäki maglumat çeşmeler, elektron kitaplar bilen her bir mugallymy, okuwçyny tanyşdyryp bolýar.*

*Elek-tron kitaplary türkmen dilinde döretmek, olary diýarymyzyň her bir okuwçysyna, mugallymyna Internet kompýuter tory arkaly elýeterli etmek bilim ulgamynyň çözmeli wezipelerinden biridir. Dowamy bar.*